**Türkmenistanyň Merkezi bankynyň müdiriýetiniň başlygynyň 2015-nji ýylyň 28-nji awgustynda çykaran №327-iş belgili buýrugy**

**Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2015-nji ýylyň 19-njy oktýabrynda 925 san bilen bellige alyndy**

## Hususy telekeçileriň ygtyýarly karz edaralaryndaky bank hasaplaryna gelýän nagt däl pullary nagt görnüşde çykdajy etmegiň ýa-da fiziki şahslaryň hasabyna geçirmegiň TERTIBI

Şu Hususy telekeçileriň ygtyýarly karz edaralaryndaky bank hasaplaryna gelýän nagt däl pullary nagt görnüşde çykdajy etmegiň ýa-da fiziki şahslaryň hasabyna geçirmegiň Tertibi (mundan beýläk – Tertip) «Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda», «Karz edaralary we bank işi hakynda», «Daşary ykdysady gatnaşyklarynda puly kadalaşdyrmak we pula gözegçilik etmek hakynda» Türkmenistanyň Kanunlaryna laýyklykda, «Pul we alyş-çalyş amallarynyň meseleleri hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2013-nji ýylyň 3-nji oktýabrynda çykaran 13240-njy kararyny ýerine ýetirmek maksady bilen işlenip düzüldi hem-de ol, dahyllylaryň (dahylsyzlaryň) - ýuridik şahsy döretmezden telekeçilik işi bilen meşgullanýan fiziki şahslaryň (mundan beýläk – hususy telekeçiler) telekeçilik işi üçin ygtyýarly karz edaralarynda açylan bank hasaplaryna (mundan beýläk – hususy telekeçileriň bank hasaplary) gelýän nagt däl pullary nagt görnüşde çykdajy etmegiň ýa-da dahyllylaryň (dahylsyzlaryň) - fiziki şahslaryň, şol sanda öz-özüne geçirmek üçin şol bir fiziki şahsyň (mundan beýläk – fiziki şahslar) adyna telekeçilik işini amala aşyrmagy bilen baglanyşykly bolmadyk maksatlary üçin açylan hasaplaryna (mundan beýläk – fiziki şahslaryň bank hasaplary) geçirmegiň tertibini kesgitleýär.

I. Şu Tertipde ulanylýan düşünjeler

1. Şu Tertibiň maksatlary üçin aşakdaky düşünjeler ulanylýar:

pul:

a) döwletde (döwletler toparynda) kanuny töleg serişdesi hökmünde kabul edilen we dolanyşykda duran banknotlar, gazna biletleri we şaýy pul görnüşindäki, şol sanda gymmat bahaly metallardan ýasalan pul belgileri (dolanyşykdan aýrylan ýa-da aýrylýan, emma dolanyşykda duran pul belgilerine çalşylmaga degişlilerini hem goşmak bilen);

b) döwletde (döwletler toparynda) kabul edilen pul birliklerindäki, şeýle hem halkara pul ýa-da hasaplaşyk birliklerindäki bank hasaplarynda (goýumlarynda) duran serişdeler;

milli pul - hasaplaşyklarda we tölеglerde ulanylmagy üçin Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan dolanyşyga göýberilýän Türkmenistanyň puly;

daşary ýurt puly - daşary ýurt döwletiniň puly, şeýle hem halkara pul ýa-da hasaplaşyk birlikleri;

nagt pul – şu bölümiň «a» kiçi bendinde görkezilen görnüşdäki milli ýa-da daşary ýurt pullar;

nagt däl pul – şu bölümiň «b» kiçi bendinde görkezilen görnüşdäki milli ýa-da daşary ýurt pullar;

bank güni - bankda müşderileri kabul etmek we olara hyzmat etmek, bank amallaryny ýerine ýetirmek üçin bölünip berilýän döwür.

2. Şu Tertipde ulanylýan ähli gaýry düşünjeler, olara «Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda», «Karz edaralary we bank işi hakynda», «Daşary ykdysady gatnaşyklarynda puly kadalaşdyrmak we pula gözegçilik etmek hakynda», Türkmenistanyň Kanunlarynda berilýän manyny aňladýar.

II. Esasy düzgünler

3. Hususy telekeçileriň bank hasaplaryna gelýän nagt däl pullary nagt görnüşde çykdajy etmegiň ýa-da fiziki şahslaryň bank hasabyna geçirmegiň kadalary, dolanşykdaky pullaryň hususy telekeçileriň bank hasaplarynda saklanyp, telekeçilik işjeňliginde nagt däl hasaplaşyklaryň ösdürilmegine, telekeçi-

lik amallaryndan peýda görýän hususy telekeçileriň hasabatlylygynyň dolulygyny we hakykatçyllygyny üpjün etmäge gönükdirilendir.

4. Hususy telekeçileriň telekeçilik maksatlary üçin ulanýan erkin aýlanýan puluň çäginden ýokary geçýän hususy we karz alan (çeken) pullary ygtyýarly karz edaralarynda saklanmalydyr. Şu Tertibe laýyklykda, bellenen möçberlerde we möhletlerde nagt pullaryň maksatlaýyn ulanylmagyny ýa-da çäklendirilen möçberlerde nagt pullaryň saklanmagyny göz öňünde tutýan ýagdaýlar muňa degişli däldir. Eger Türkmenistanyň kanunçylygynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, hususy telekeçileriň erkin aýlanýan puluň çäginden ýokary geçýän geleşikleri boýunça hasaplaşyklar, şol hususy telekeçileriň bank hasaplarynyň üsti bilen geçirilýär.

5. Her-bir hususy telekeçi telekeçilik işini amala aşyrýan ýerinde (birden köp bolan ýagdaýynda - her birinde) nagt pulundaky düşewündi girdeji etmek, saklamak ýa-da çykdajy etmek üçin, nagt pulunyň kassasyny (mundan beýläk – hususy telekeçiniň kassasyny) gurnaýar. Şu ýagdaýda, hususy telekeçi nagt pullaryň hasabynyň ýöredilmegini üpjün edýär.

Hususy telekeçiniň kassasyndaky ähli nagt pul birlikler boýunça umumy galyndy erkin aýlanýan puluň çägi bilen çäklendirilýär. Bu çäkden ýokary geçýän nagt pullar hökmany suratda hususy telekeçiniň bank hasaplaryna tabşyrylýar. Şunda, hususy telekeçiniň kassasyndan iň golaýda ýerleşýän islendik ygtyýarly karz edara çenli ýol uzaklygy nazara almak bilen, nagt pullary tabşyrmagyň şu aşakdaky görkezilen möhletleri berjaý edilýär, şol sanda:

30 kilometre çenli - 3 (Üç) bank gününiň dowamynda;

30 kilometrden ýokary - 5 (Bäş) bank gününiň dowamynda.

6. Hususy telekeçileriň bank hasaplaryna gelýän nagt däl pullary nagt görnüşde çykdajy etmegiň ýa-da fiziki şahslaryň bank hasaplaryna geçirmegiň şu Tertip bilen kadalaşdyrylmadyk ýagdaýlary üçin, ýuridiki şahslaryň işini düzgünleşdirýän Türkmenistanyň kanunçylygynyň degişli kadalary ulanylýar.

7. Hususy telekeçileriň islendik möçberdäki daşary ýurt puluny satyn almak we satmak bilen bagly amallary bank hasaplarynyň üsti bilen nagt däl pullarda geçirilýär.

Şu Tertipde bellenilen beýleki amallaryň daşary ýurt pulunda geçirilmegi, Türkmenistanyň puly kadalaşdyrmak we pula gözegçilik etmek babatdaky  kanunçylygyna laýyklykda amala aşyrylýar.

III. Hususy telekeçiniň bank hasabyndaky nagt däl pullary çykdajy etmek üçin maliýe gurallaryň ulanylmagy

8. Hususy telekeçi özüniň telekeçilik maksatly hasaplaşyklarynyň çykdajy bölegi üçin plastiki kartlary, çekleri we ş.m. (mundan beýläk - maliýe gurallary) ulanyp biler. Bu maliýe gurallar üçin ýöredilýän ýörite bank hasaplar hususy telekeçiniň adyna resmileşdirilýär we hususy telekeçiniň bank hasaplaryna deňleşdirilýär (mundan beýäk – hususy telekeçiniň ýörite bank hasaplary).

9. Telekeçilik maksatly hasaplaşyklaryň çykdajy bölegi üçin maliýe gurallary ulanmagy göz öňünde tutýan hususy telekeçiniň ýörite bank hasaplaryna nagt däl pullaryň zerur möçberi hususy telekeçiniň bank hasaplaryndan geçirilýär.

Hususy telekeçiniň ýörite bank hasaplaryna geçirilen nagt däl pullar maliýe gurallaryň kömegi bilen, aýratyn hem ýuridiki şahslaryň we beýleki hususy telekeçileriň öňünde tölegler boýunça döreýan borçlary nagt däl görnüşde ýerine ýetirmek üçin ulanylýar. Şunda, pul gözegçiligiň maksatlary üçin, hususy telekeçiniň ýörite bank hasabyndan göçürmedäki bu töleglere (şol sanda Türkmenistanyň çäginde bellige alynmagy, ýazmaça habarly edilmegi ýa-da geleşigiň pasportynyň resmileşdirilmegi talap edilýänlere) degişli maglumatlar, ýuridiki şahslaryň ýa-da beýleki hususy telekeçileriň öňünde tölegler boýunça borçlaryň ýerine ýetirilendigini  tassyklaýan ilkinji resminamalar bilen kybaplaşdyrylýar.

Hususy telekeçiniň bank hasabyndan onuň ýörite bank hasabyna öň geçirilen nagt däl pullaryň yzyna - hususy telekeçiniň bank hasabyna gaýtarylmagy çäklendirilmeýär.

10. Hususy telekeçiniň ýörite bank hasabynyň üsti bilen nagt däl pulda geçirilýän amallar aşakdaky görkezilenlerden ybarat:

a) başga hasapdan gelýän nagt däl puluň möçberine kredit boýunça bu hasabyň galyndysyny artdyrýan amallar, şol sanda:

hususy telekeçiniň bank hasabyndan nagt däl puluň gelmegi;

alyş-çalyş amalyň netijesinde nagt däl puluň satyn alynmagy;

b) başga hasaba gidýän nagt däl puluň möçberine debet boýunça bu hasabyň galyndysyny kemeltýän amallar, şol sanda:

ýuridiki şahslaryň we beýleki hususy telekeçileriň öňünde tölegler boýunça döreýän borçlary ýerine ýetirmek üçin olara nagt däl puluň geçirilmegi;

alyş-çalyş amalyň netijesinde nagt däl puluň satylmagy;

hususy telekeçiniň bank hasabyndan onuň ýörite bank hasabyna öň geçirilen nagt däl pullaryň yzyna - hususy telekeçiniň bank hasabyna gaýtarylmagy.

11. Hususy telekeçiniň ýörite bank hasaplaryndaky nagt däl pullar nagt görnüşinde çykdajy edilmeýär we fiziki şahslaryň bank hasaplaryna geçirilmeýär.

IV. Hususy telekeçiniň bank hasabyndaky nagt däl pullary nagt görnüşde çykdajy etmegiň ýa-da fiziki şahslaryň bank hasabyna geçirmegiň kadalary

12. Hususy telekeçiniň bank hasabyndaky nagt däl pullar şu aşakdaky maksatlar üçin nagt görnüşinde çykdajy edilip ýa-da özünden başga fiziki şahslaryň, aýratyn hem onuň hakyna tutan işgärleriniň bank hasaplaryna geçirilip biliner:

a) fiziki şahslar bilen hasaplaşmak üçin, olara aşakdaky görkezilenler degişli:

zähmet ylalaşygy (şertnamasy) we raýat-hukuk häsiýetli ylalaşyklar boýunça ýerine ýetirilen işler üçin tölenýän hak;

pensiýalar, hemaýat pullary, talyp haklary, alimentler we ş.m. tölegler;

tebigy betbagtçylyk ýa-da beýleki adatdan daşary ýagdaýlar bilen baglanyşykly berilýän kömek pullary;

gan tabşyrýandygy (donor kömegi) üçin tölenilýän hak;

awtorlyk hukugyny peýdalanmak we hukugy peýdalanmak üçin, şeýle hem şahadatnamalary, söwda nyşany, haryt nyşany ýa-da hyzmat nyşany, çyzgy ýa-da model, görnüş, gizlin formula we (ýa-da) prosess ýa-da senagat, täjirçilik ýa-da ylmy tejribä degişli maglumatlar üçin tölenýän hak;

Türkmenistanyň çäklerinde ösdürilip ýetişdirilen ýa-da ýabany ösýän miweler, kömelekler, tohumlar, derman ösümlikler, şeýle-de oba hojalyk önümler we olaryň gaýtadan işlenen önümleri üçin fiziki şahsyň bank hasabyna nagt däl pulda geçirilýän girdejiler;

Türkmenistanyň çäklerindäki emlägiň kärendesi we olaryň beýleki bir görnüşde ulanylandygy üçin fiziki şahsyň bank hasabyna nagt däl pulda geçirilýän girdejiler;

sungat işgäri, sirkiň, teatryň, kinonyň, radionyň, telewideniýäniň artisti ýa-da sazandasy, şeýle hem sportsmen hökmünde Türkmenistanyň çäklerinde işländigi üçin fiziki şahsyň bank hasabyna nagt däl pulda geçirilýän girdejiler, hatda bu girdejiler başga birine hasaplanyp ýazylan hem bolsa;

ätiýaçlandyryş ýagdaýy dörändäki ätiýaçlandyryş tölegleri;

pul görnüşinde berilýän utuşlar, baýraklar, sowgatlar we sylaglar;

b) fiziki şahslara öwezini doluş pullary bermek üçin, olara aşakdaky görkezilenler degişli:

ömrüne we saglygyna ýetirilen zyýanyň öwezini doluş pullar;

zähmet borçlaryny ýerine ýetirmek bilen bagly çykdajylaryň öwezini doluş pullar;

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda soň hasabat bermek şerti bilen hakyna tutulan fiziki şahslaryň iş sapary üçin hakujy, iş saparynyň çykdajylary ýa-da meýdan şertlerinde işleýändigi üçin haklary;

başga ýere işe geçmek bilen bagly çykdajylaryň öwezini doluş pullar;

zähmet rugsady üçin ýa-da ulanylmadyk rugsadyň öwezini doluş tölegleri;

işden boşatmak bilen bagly öwezini doluş pullar;

ç) satyn alynýan hususy emlägiň bahasyny fiziki şahsyň bank hasabyna nagt däl pulda tölemek üçin, olara aşakdaky görkezilenler degişli:

gozgalýan emlägiň bahasy;

gozgalmaýan emlägiň bahasy;

d) özünden başga fiziki şahsyň bank hasabyndan öň geçirilen nagt däl puly yzyna nagt däl pul görnüşinde gaýtarmak üçin;

e) hususy telekeçi ölen halatynda, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda onuň bank hasabyndaky nagt däl pullary mirasdara (mirasdarlara) bermek üçin;

f) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda göz öňünde tutulan beýleki borçnamalar boýunça fiziki şahslaryň bank hasaplaryna nagt däl pullary geçirmek üçin.

13. Hususy telekeçiniň bank hasabyndaky nagt däl pullar şu aşakdaky maksatlar üçin nagt görnüşinde çykdajy edilip ýa-da fiziki şahs hökmünde onuň özüne açylan bank hasaplaryna (fiziki şahsyň bank hasaplaryna) geçirilip biliner:

a) hususy telekeçiniň şahsy sarp ediş maksatlaryna –1 (Bir) senenama aýyň dowamynda jemi erkin aýlanýan puluň çäginden köp bolmadyk möçberde;

b) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda soň hasabat bermek şerti bilen, özüniň iş sapar çykdajylaryna hakujyny almak ýa-da özüniň iş sapar çykdajylarynyň öwezini dolmak üçin;

ç) fiziki şahs hökmünde onuň özüne açylan bank hasabyndan öň geçirilen nagt däl puly yzyna nagt däl pul görnüşinde gaýtarmak üçin;

d) fiziki şahs özüniň telekeçilik işini bes edip, hususy telekeçi hökmünde hasapdan öçürilende hem-de hususy telekeçiniň bank hasaplaryny ýapanda, ol hasaplardaky pullary bermek üçin.

V. Ygtyýarly karz edaralar bilen hususy telekeçileriň özara gatnaşyklary

14. Ygtyýarly karz edaralar bilen hususy telekeçileriň özara gatnaşyklary, eger Türkmenistanyň kanunçylygynda başgaça bellenilmedik bolsa, şertnama esasynda amala aşyrylýar.

Şunda, nagt däl pullary nagt pul görnüşde bermek üçin ygtyýarly karz edaralary tarapyndan özbaşdak bellenilýän ýygym hak-heşdekleriniň möçberleri we bank hyzmatlaryny etmek üçin tarifler, alynýan nagt puluň möçberine görä ösýän tertipde bellenilýär.

VI. Hasabatlylyk we maglumatlar

15. Ygtyýarly karz edaralar Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan bellenilen görnüşde we möhletde Türkmenistanyň Merkezi bankyna şu Tertibe laýyklykda geçirilýän amallar barada hasabaty - kagyz we elektron maglumat göterijilerde berýärler.

16. Ygtyýarly karz edaralary Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileri kanunlaşdyrmak ýa-da terrorçylygy maliýeleşdirmek babatynda şübhe döredýän amallar, şeýle hem hökmany gözegçilik edilmegine degişli geleşikler we amallar baradaky maglumatlary ygtyýarly döwlet edarasyna berýär.

VII. Şu Tertibiň kadalarynyň bozulandygy üçin jogapkärçilik

17. Şu Tertibiň kadalarynyň bozulmagy Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen jogapkärçilige eltýär.